# Gaznawy şalygynyň Lukman Hekimi

Category: Kitapcy,Medisina,Taryhy makalalar,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025

Gaznawy şalygynyň Lukman Hekimi GAZNAWY ŞALYGYNYÑ LUKMAN HEKIMI



Doly ady Abu Aly Hüseýin ibn Abdylla, ibn al Hasan ibn Aly Ibn Sina Günbatarda Awisenna ady bilen tanalýan örän zehinli,

Gündogaryň beýik akyldary bolan bu şahsyýet 980-nji ýylda Balhdan şol wagtlar Samynylar şalygynyň paýtagty bolan Buhara göçüp baran emeldaryň maşgalasynda dünýä inýär. Doga zehinli bolan Ibn Sina 16 ýaşynda agyr hassa bolan Buhara emirini bejermek ynanylypdyr. Ol bu ynamyň hötdesinden gelip, emiri bejeripdir. Şondan soň ýaşajyk Ibn Sina ikinji Lukman Hekim adyny alypdyr. Soňlugy bilen onuň Lukman adynyň öňündäki ikinji sözi aýrylansoň, ony Gurhanda ady gelýän Lukman Hekim bilen garjaşdyrýanlaram bar. Ibn Sina 997-nji ýyldan 1012-nji ýyl aralykda Mahmyt Gaznawa ýarym tabyn bolan Horezm döwletiniň şasy Mamunyň gullugyna gelip, ol Mamun akademiýasynda Abu Reýhan Biruny, Abu Sahl ibn Ýahýa, şol döwürde örän tanymal bolan alym wraç Abul Haýr ibn Hammar ýaly alymlar bilen işläpdir. Mahmyt Gaznawynyň hökümdarlygynyň berkemegi bilen Ibn Sina ýaly alymlar ýa-ha Mahmydyň öz köşgünde ýa-da bu hökmürowan şanyň ynam bildirýän ýerli emeldarynyň elinde işlemegi saýlap almaly bolupdyrlar. Abu Reýhan Biruny ýaly alymlar Mahmyt Gaznawynyň köşgünde işlemegi saýlap alan bolsalaram, nämeüçindir Ibn Sina bu hökümdaryň köşgüne baryp işlemekden heder edip, ilki onuň ýerli emeldarlary bolan Hemedanyň emiri Şems Döwläniň huzurynda alym, hatda wezir bolup işläpdir. Emma emiriň ýakynlary ony sygdyrman, emire oňa ölüm jezasyny bermek talaby bilen ýüz tutupdyrlar. Emir Şems Döwle Ibn Sinany öldürmäge dözman, öz häkimlik edýän ýerinden çykaryp, Ibn Sinany kowupdyr. Ýöne emir ysmaz keseline uçransoň, Ibn Sinany yzlap tapyp getirdip, Şems Döwle özüni bejerdip, bu alymy gaýtadan wezir wezipesine belläp, öňki mahrum eden derejelerini oňa gaýtaryp beripdir. Şems Döwle 1023-nji ýylda aradan çykandan soňra, Ibn Sina Hemedany terk edip, Yspyhanyň emiri Al Döwlä hyzmata gelipdir. Emma ony dürli günäde aýyplap, zyndanda dört aý oturdypdyrlar. Ýöne Ibn Sina özüniň günäsizdigini subut edensoň, ony Yspyhanyň emiri Al Döwle gulluga alypdyr. Tizara Ibn Sina Al Döwläniň baş wraçy hem baş nedimi (saçakdaşy, häzirki döwürde maslahatçysy) bolupdyr. Ibn Sina bu emiriň huzurynda örän öndümli işläpdir. Ömrüniň soňky ýyllarynda Ibn Sina çeper döredijilik bilen has köp meşgullanypdyr. Medisina boýunça meşhur işini tamamlapdyr. Ibn Sina ylmyň 29 ugry boýunça 450 gowurak ylmy iş edipdir. Onuň ylmy işleriniň 280-e golaýy biziň günlerimize gelip ýetipdir. Onuň iň meşhur işi medisina ylmy boýunça ýazan köp tomdan ybarat kitabydyr. Alty tomdan

ybarat bu kitap türkmen diline hem terjime edildi. Ibn Sinanyň medisina boýunça bu kitaby tä XVII asyryň ahyrlaryna çenli Günbataryň medisina ýokary okuw jaýlarynyň iň ýörgünli predmeti-sapagy hasaplanypdyr.
Ol 1037-nji ýylyň iýunynda agyr içegesinde agyry (häzirki ylymda içege yragy bolmagy mümkin diýýärler) keselinden aradan çykypdyr. Bu beýik alym ölmeziniň öň ýany elindäki gullaryny azatlyga çykarypdyr. Ähli baýlygyny garyp-gasarlara paýlapdyr. Şu maglumatlar onuň nesliniň bolmandygana kepil geçýär diýýän alymlar mamla ýaly bolup dur. Şu ýerde ýene bir zady bellemek gerek. Mahmyt Gaznawa gulluga barmajak bolup, Ibn Sina Ürgençden gaçyp, azaşypdyr. Ahyry ol nirä barýanynam bilmän, Mähne şäherine gelipdir. Bu ýerde ol örän meşhur pir Abu Sahyt Mähneýi-Mäne babaň huzuryna gelip, onuň üç gün myhmany bolupdyr. Mäne baba Ibn Sina medisina boýunça düýpli iş ýazmagy teklip edipdir. Şonuň üçin Ibn Sinanyň “Medisinanyň kanuny” diýen köptomlik işi Mäne babanyň maslahaty bilen ýazylan hasaplanýar. Medisinada däri-derman önümçiligini anyk bir sistema salyp, her bir kesele niýetlenen dermanlary aýdyňlaşdyryp düzgünleşdiren Ibn Sina hasaplanýar. Ibn Sinanyň “Adamzada dert nerwden hem agyzdan (agyriýip-içmekden) gelýär” diýen ganatly jümlesi medisinada häzirem ýörgünli. Ibn Sinanyň narpyzy köp ulanyň diýen jümlesiniň bardygynam ýatlatmak isleýärin. Mäne baba Ibn Sinany işe almagyny haýyş edip, Hemedan emiri Şems Döwla hat ýazandygy üçin, bu akyldary emir işe alyp, ony ýokary wezipelerde işledipdir. Ibn Sina özüniň ylmy hem dini dünýagaraýşy üçin yzarlanypdyr, arasynda zyndanda oturmaga mejbur bolupdyr. Onuň din boýunça yzarlanmagynyň esasy sebäbi Ibn Sinanyň pederleriniň Mahmyt Gaznawynyň gazabyna sezewar bolan yslam dininiň Ysmaýyl akymyna ynanlygy hem akyldaryň ylmy garaýyşlary yslamy üýtgewsiz hakykat hasaplaýan din hadymlarynyň gaharyny getirdipdir diýýärler. Ibn Sina şu rubagysy bilen özüni dinsizlikde aýyplan dini hadymlaryna jogap berip, ömürlik tussag bolmakdan halas bolupdyr;

*Ylym üçin gan öýüp, bagrym giryan,*
*Yslam üçin orta goýdum şirin jan.*
*Bu nä töhmet, maňa kapyr diýseler –*
*Bu jahanda ýokdur ýeke musulman.*

***(Terjime özümiziňki)***.

Lukman Hekim adyny alan Ibn Sina gysga ömründe yzarlanmalara, agyr günlere sezewar edilenem bolsa, ylyma, aýratynam medisina ylmyna öz adyny altyn harplar bilen ömürlik-baky ýazmagy başardy. Taryhy makalalar